Ýuridiki şahyslary
bellige alyş gullugy
tarapyndan bellige alyndy.
№ 80 43 84
"11" ýanwar 2001ý.

Türkmenistanyň Preziden
2001-nji ýylyň 2-nji ýanwaryn
№ 5005 Karary bilen tassyklan

Türkmenistanyň Merkezi E
tarapyndan bellige al
bellige alyş № 90
‘9’ ýanwar 2(
Türkmenistanyň Merkezi Bankynyň Ba
S.G.Gandy

Türkmenistanyň
‘TÜRKMENISTAN’ Döwlet Täjirçilik Bankynyň

# TERTIPNAMASY

Aşgabat ş.

**Türkmenistanyň Prezidentiniň**

**2001-nji ýylyň " 2" Ýanwarynda**

**çykaran jsfg "5005 karary bilen tassyklanyldy**

# Türkmenistanyň "Türkmenistan" döwlet täjirçilik bankynyň TERTIPNAMASY

## *Umumy düzgünler*

1. Türkmenistanyň "Türkmenistan" döwlet täjirçilik banky (mundane beýläk - Bank) eýeçiligiň dövvlet görnüşinde bolup, Türkmenistanyň bitewi bank ulgamyna girýär, eýeçiligiň garyşyk görnüşindäki Türkmenistanyň "Türkmenistan" döwlet täjirçilik bankynyň ähli hukuklarynyň, borçlarynyň we borçnamalarynyň hukuk oruntutary bolup durýar.

Bank döwlet guramaçylyk-hukuk görnüşindedir.

2.Bank durmuş üpjünçilik ulgamyna (söwda, hyzmat işi) karz serişde bermek babatda döwlet syýasalyny ýöredýär hem-de özüniň esasy işini täjirçilik esasynda guraýar.

3.Bank edara görnüşindäki tarapdyr, onuň özbaşdak balansy bar we ol öz işini doly hojalyk hasaplaşygy, öz-özüňi ödemek we öz-özüňi maliýeleşdirmek ýörelgelerinde amala aşyrýar. Bank onuň Tertipnamasy Türkmenistanyň Merkezi bankynda bellige alnan hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Daşary ýurt maýa goýumlary baradaky döwlet agentiiginiň Edara görnüşindäki taraplary döwlet tarapyndan bellige alyş gullugynda döwlet tarapyndan bellige alnan pursatdan başlap edara görnüşindäki tarapyň hukuklaryna eýe bolýar.

Bankyň Türkmenistanyň Döwlet gerbi şekillendirilen we öz ady ýazylan möhüri, şeýle hem haryt belgisi (hyzmat belgisi) bar.

4.Gündelik bank işi bilen baglanyşykly çözgütleri kabul eden mahaly Bank ýerine ýetiriji we serenjam beriji döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryndan garaşsyzdyr.

5.Bank öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyny, Türkmenistanyň kanunlaryny, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryny, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütierini, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň kadalaşdyryjy namalaryny we şu Tertipnamany goldanýar.

6.Bank döwletiň borçnamalary boýunça jogap bermeýär, döwlet Bankyň borçnamalary boýunça jogap bermeýär, Türkmenistanyň kanunlarynda göz öňünde tutulan halatlar ýa-da Bankyň ýa bolmasa döwletiň öz üstüne şeýle jogapkärçiligi kabul edýän halatlary muňa girmeýär.

7.Bankyň Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda Türkmenistanyň çäklerinde we onuň çäklerinden daşarda öz bölümlerini we wekilçiliklerini açmaga hukugy bardyr. Bölümler we wekilçilikler edara görnüşindäki taraplar däldir we olaryň hukuk ýagdaýy Bölümler hakyndaky düzgünnamalar bilen kesgitlenilýär, olary Bankyň müdirýetiniň başlygy tassyklaýar.

8.Edara görnüşindäki taraplaryň we şahsy adamlaryň, şol sanda olaryň daşary ýurtlularynyň Bankdaky pul serişdeleri we beýleki gymmatlyklary barada tussag etmek we töletdirmek çäreleri diňe Türkmenistanyň kanunlarynda göz öňünde tutulan halatlarda we tertipde amala aşyrylyp bilner.

9. Bank çäksiz möhlete döredildi.

10.Bankyň hukuk salgysy - Türkmenistan, Aşgabat şäheri, Görogly köçesi, 10-A.

### *Bankyň maýasy*

11.Bankyň maýasy maýalyk gorundan, esasy ätiýaçlyk gorundan we ýörite ätiýaçyk gorlaryndan ybaratdyr.

Maýalyk gorunyň möçberiniň üýtgemegi Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylýar.

12.Bankyň maýalyk gory sap peýdadan geçirilýän serişdeleriň hasabyna 52 mlrd. manat möçberde döredilýär.

13.Bankyň ätiýaçlyk gory sap peýdadan her ýyl ýüzden 10-a çenli möçberde geçirilýän serişdeleriň hasabyna maýalyk gorunyň ýüzden 100-i möçberde döredilýär hem-de geçirilýän amallar boýunça çekilmegi mümkin bolan zyýanlaryň we ýitgileriň öwezini dolmak üçin ulanylýar.

### *Emlägiň emele gelmeginiň çeşmeleri*

14.Bankyň emlägi esasy we dolanyşyk serişdelerinden, şeýle hem bahasy bankyň balansynda beýan edilýän beýleki gymmatlyklardan ybaratdyr.

- Emlägiň emele gelmeginiň çeşmeleri şulardan ybaratdyr:
  manatlardaky we daşary ýurt pulundaky serişdeler, emläk gatançlary;
  bank işinden alnan girdejiler;
- beýleki kärhanalaryň we guramalaryň bank tarapyndan satyn alnan gymmatly kagyzlaryndan alnan girdejiler;
- banklaryň we beýleki karz berijileriň karz beren serişdeleri;
- muzdsuz haýyr-yhsan gatançlary;

Türkmenistanyň kanunlary bilen gadagan edilmedik beýleki çeşmeler.

16. Bank işinden alynýan girdejileriň hasabyna maddy harajatlaryň we olar bilen deňleşdirilen harajatlaryň, zähmete hak tölemek üçin çykdajylaiyň öwezi dolunýar, salgytlar tölenilýär, alnan karzlar boýunça tölegler tölenilýär. Galan sap peýda Bankyň doly ygtyýaryna gowuşýar.
Bank sap peýdany peýdalanmagyň ugurlaryny özbaşdak kesgitleýär we gorlary emele getirýär. Gorlary emele getirmegiň, peýdalanmagyň tertibini we olaryň möçberini Bankyň müdirýeti kesgitleýär, Türkmenistanyň kanunlarynda başgaça göz öňünde tutulan halatlar muňa girmeýär.

### *Bankyň geçirýän amallary*

17. Bank amallary milli pulda we daşary ýurt pulunda geçirýär.

18. Bank Türkmenistanyň Merkezi bankynyň edaralarynda, ýurdumyzdaky we daşary ýurtlardaky beýleki banklarda habarçy hasaplaryny açýar.

19. Bank şu bank amallaryny we şertleşmeleri geçirip bilýär:

- müşderileriň we habarçy banklaryň, şol sanda olaryň daşary ýurtlularynyň hasaplaryny açmak we ýöretmek;

- müşderileriň we habarçy banklaryň tabşyrmagy boýunça hasaplaşyklary geçirmek hem-de olara kassa hyzmatyny etmek;

- goýumlary (depozitleri) çekmek hem-de karz beriji bilen ylalaşyk boýunça karz serişdeleri bermek;

- maýa goýumy görnüşinde amala aşyrylýan serişdeleriň eýeleriniň ýa-da olara serenjam berijileriň tabşyrmagy boýunça, şeýle hem Bankyň öz serişdeleriniň hasabyna düýpli maýa goýumlaryny maliýeleşdirmek;

- gymmatly kagyzlary çykarmak. Öz hasabyna ýa-da müşderileriň serişdeleriniň hasabyna töleg resmi namalaryny we gymmatly kagyzlary satyn almak, satmak we saklamak, şeýle hem olar barada ulanylýan kanunlar arkaly gadagan edilmedik beýleki amallary geçirmek;

- pul görnüşinde ýerine ýetirilmegi göz öňünde tutulýan zamunçylyklary, kepilnamalary we beýleki borçnamalary üçünji taraplaryň adyndan bermek;

- harytlary ibermek we hyzmatlary etmek hakyndaky şertnamalardan gelip çykýan talaplar üçin hukuklary edinmek, şeýle talaplary ýerine ýetirmek boýunça töwekgelçilikleri kabul etmek we şol talaplary inkassirlemek (forfeýtiň), şeýle hem şol amallary harytlaryň hereketine goşmaça gözegçilik bilen ýerine ýetirmek (faktoriň);

- edara görnüşindäki taraplardan we şahsy adamlardan, şol sanda olaryň daçary ýurtlularyndan nagt daşary ýurt puluny hem-de hasaplardaky we goýumlardaky daşary ýurt puluny satyn almak we olara satmak;

- gymmat bahaly metallary, daşlary, şeýle hem olardan ýasalan önümleri Türkmenistanda we onuň çäklerinden daşarda kabul etmek we saklamak;

- müşderileriň tabşyrmagy boýunça serişdeleri çekmek we ýerleşdirmek hem-de gymmatly kagyzlary dolandyrmak (ynanylan amallar);

- bank işi bilen baglanyşykly geňeşdarlyk hyzmatlaryny etmek, şol sanda müşderileriň maýa goýumlaryny dolandyryjy ýa-da maslahatçy ýa bolmasa maliýe ýumuşçy ýa-da geňeşdar hökmünde hyzmatlary etmek;

- Bankyň öz serişdeleriniň hasabyna enjamlary, ulag serişdelerini hem-de esasy serişdelere degişli bolan beýleki emlägi kärende şertlerinde bermek üçin satyn almak (liziň amallaryny geçirmek);

- gozgalmaýan emläk barada girewine goýmak we beýleki amallary ulanylýan kanunlara laýyklykda geçirmek;

- Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen gadagan edilmedik beýleki amallary we şertleşmeleri amala aşyrmak.

Ygtyýarlylandyrmaga degişli bolan işiň ähli görnüşleri diňe degişli ygtyýarnama alnandan soň amala aşyrylýar.

***Bankyň hukuklary we borçlary***

20. Bankyň öz işlerini ýerine ýetirmek hem-de bank amallaryny geçirmek üçin şulara hukugy bardyr:

- bank işini we daşary ýurt puluny ulanmak işini düzgünleşdirmegiň meseleleri boýunça kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň, halkara hasaplaşyklarynyň, daşary ýurt pulandaky gymmatlyklar hem-de milli we daşary ýurt pulundaky töleg resmi namalary barada amallaryň taslamalaryny işläp düzmäge gatnaşmak;

- öz müşderilerinden we habarçy banklardan buhgalteriýa hasabatlaryny we balanslaryny degişli goşundylar bilen bilelikde iş meýilnamalaryny, şertnamalaryny, haryt-maddy gymmatlyklaryň barlygy, gowuşmagy we ýerlenilmegi hakyndaky maglumatlary hem-de serişdeleri karz bermek we hasaplaşyklar, kepilnamalary bildirmek üçin zerur bolan beýleki maglumatlary almak, zerur halatlarda tölegleriň kanunylygyny hem-de olaryň kärhanalaryň we guramalaryň işiniň wezipelerine hem-de maksatlaryna laýyk gelmegini tassykläýan maglumatlary şol kärhanalardan we guramalardan almak;

- aktiw we passiw amallar geçirilen mahaly göterimleriň möçberlerini, şeýle hem şertnamalaýyn esasda edilýän hyzmatlar üçin hyzmat haklarynyň möçberlerini bellemek;

- Bankyň karz berýän serişdeleriniň üpjünçiligi bolup durýan harytlyk-maddy gymmatlyklaryň barlygyny, olaryň saklanylýan şertlerini we abatlygyny barlamak;

- harytlyk-maddy gymmatlyklaryň girewe berilmegi bilen üpjün edilen karzlar boýunça möhleti geçirilen bergileri şol gymmatlyklary Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda ýerlemekden alynýan girdejiniň hasabyna üzmek;

- kärhanalary we guramalary tölege ukypsyz diýip bellenilen tertipde ygylan etmek, olary üýtdegip guramak ýa-da ýapmak hakyndaky teklipleri taýýarlamak;

- Türkmenistandaky we onuň çäklerinden daşardaky bank jemgyýetleriniň we beýleki jemgyýetleriň, birleşikleriň, bileükdäki kärhanalaryň we guramalaryň döredijisi ýa-da gatnaşyjysy bolmak, şeýle hem ýurdumyzdaky we daşary ýurtlardaky kärhanalaryň we firmalaryň hojalyk işine öz serişdeleriniň hasabyna paýly esasda Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda gatnaşmak;

- hojalyk edaralaryna karz serişde bermegiň meýilnamalaryny düzmek üçin buhgalteriýa hasabatiylygynyň esasy görkezijileri boýunça umumylaşdyryjy maglumatlary we hasabat maglumatlaryny döwlet hasabat edaralaryndan almak;

- esasy serişdeleri Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda başga birine bermek, satmak, çalyşmak, kärendesine bermek, hasabyndan aýyrmak.

21. Bank öz işini ýerine ýetiren mahaly:

- on.uň işini düzgünleşdirýän, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenilýän ykdysady we beýleki kadalaşdyryjy düzgünleri berjaý etmäge;

- geçen maliýe ýyly üçin ýyllyk maliýe hasabatyny olardaky maglumatlaryň ygtybarlylygy tassyklanylandan soň Türkmenistanyň hanunlaryna laýyklykda çap etmäge borçludyr.

22.Bank kärhanalar ýa-da guramalar ýapylan halatda we olar öz borçnamalary boýunça tölegleri bes eden halatda bergileriň möhletinden öň tölenilmegini talap edip biler. Tölegleriň möhletiniň gelip ýetmegi ýa-da geçmegi bilen baglanyşykly, şeýle hem karz berlen serişdeleriň möhletinden öň töletdirilmegi bilen baglanyşykly Bankyň ýüze çykýan nägilelikleri boýunça bergileri Bank Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda töletdirýär.

23.Bank goýumçylaryň pul serişdeleriniň we beýleki gymmatlyklaryň doly abat saklanylmagyny hem-de olaryň birinji talap boýunça berilmegini kepillendirýär. Bank öz müşderileriniň we habarçylarynyň amallary, hasaplary we goýumlary boýunça syryň sakylanylmagyny kepillendirýär.

***Banky dolandyrmak***

24. Bankyň işine gös-göni ýolbaşçylygy Bankyň müdiriýetiniň başlygy amala aşyrýar.

25.Bankyň müdiriýetiniň başlygyny we onuň orunbasarlaryny Türkmenistanyň Prezidenti wezipä belleýär we wezipeden boşadýar.

26.Bankyň müdiriýetiniň agzalaryny Bankyň müdiriýetiniň başlygy Bankyň işgärlerinden belleýär.

27.Bankyň Müdiriýeti öz işini Bankyň müdiriýeti hakyndaky Düzgünnama laýyklykda amala aşyrýar. Düzgünnama bellenilen tertipde tassyklanylýar.

28.Bankyň müdiriýeti öz mejlislerinde:

- Bankyň işiniň esasy ugurlaryny, goýumlary (depozitleri) çekmegiň we karz serişde bermegiň şertlerini kesgitleýär;
- Bank hyzmatlarynyň täze görnüşlerini Türkmenistanyň ulanylýan kanunlaryna laýyklykda işläp taýýarlaýar we ornaşdyrýar;
- Bankyň tertipnamasyna üýtgetmelere we goşmaçalara garaýar hem-de olary Türkmenistanyň Prezidentiniň tassyklamagy üçin hödürleýär;
- Bankyň işiniň ýyllyk netijelerine gözegçilik netijenamasy esasynda garaýar we tassyklaýar;
- peýdany paýlamagyň, şeýle hem ýitgileriň öwezini dolmagyň tertibini kesgitleýär, Bankyň wezipeli adamlaryny maddy iogapkärçilige çekmek hakyndaky çözgütleri çykarýar;
- Bankyň bölümlerini we wekilçiliklerini açmak, üýtgedip guramak we ýapmak boýunça çözgütleri kabul edýär;
- Bankyň has möhüm buýruklarynyň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryna, şeýle hem Bankyň müdiriýetiniň başlygynyň çözgüdi boýunça Müdiriýetiň garamagyna girizilen beýleki meselelere garaýar.

29.Müdiriýetiň mejlisleri olara Müdiriýetiň agzalarynyň azyndan üçden ikisi gatnaşanda hukuk ygtyýarly hasap edilýär. Müdiriýetiň çözgütleri sesleriň köplügi bilen kabul edilýär. Sesler deň paýlanylan mahaly Müdiriýetiň başlygynyň sesi aýgytlaýjydyr.

30.Müdiriýetiň başlygy Bankyň işine umumy ýolbaşçylygy amala aşyrýar hem-de Bankyň üstüne ýüklenilen wezipeleriň we işieriň ýerine ýetirilmegi üçin şahsy jogapkärçilik çekýär, Başlygyň orunbasarlarynyň arasynda borçlary paýlaýar, öz orunbasarlarynyň hem-de Bankyň merkezi edarasynyň gurluş birlikleriniň, onuň bölümleriniň, wekilçilikleriniň ýolbaşçylarynyň işiň tabşyrylan ugrunda işleriň ýagdaýy üçin jogapkärçiliginiň derejesini kesgitleýär.

31. Bankyň müdiriýetiniň başlygy:

- Bankyň ygtyýarlyklaryna girýän meseleler boýunça buýruklary we beýleki kadalaşdyryjy namalary çykarýar;
- Bankyň gorlaryny we ätiýaçlyk gorlaryny peýdalanmagyň tertibi hakyndaky düzgünnamany tassyklaýar;
- Banka degişli ähli emläge we serişdelere Türkmenistanyň ulanylýan kanunlaryna laýyklykda ygtyýar edýär, Türkmenistanda bolşy ýaly, daşary ýurtlardaky ähli guramalarda, kärhanalarda, edaralarda Banka wekilçilik edýär, Bankyň adyndan ylalaşyklara, beýleki şertleşmelere we borçnamalara gol çekmegiň hem-de ynanç hatlaryny bermegiň tertibini belleýär;
- Bankyň Müdiriýetiniň çözgüdi esasynda Türkmenistanda we daşary ýurtylarda Bankyň bölümlerini we wekilçiliklerini açýar, üýtgedip guraýar we ýapýar;
- Bankyň geljekki döwür üçin we ýyllyk meýilnamalarynyň taslamalaryna garaýar we olary tassyklaýar;
- Bankyň gurluşyny, Bankyň, onüň bölümleriniň we wekilçilikleriniň wezipeli adamlarynyň zähmetine hak tölemegiň şertlerini, şeýle hem Bankyň, onuň bölümleriniň we wekilçilikleriniň wezipe sanawyny tassyklaýar;
- Bankyň gurluş birlikleri hakyndaky düzgünnamalary,' hünärmenler üçin wezipe gollanmalaryny tassyklaýar;
- müşderileriniň tabşyryklaryny Bankyň ýerine ýetirmegi üçin hyzmat haklarynyň möçberlerini, hasaplarda we goýumlarda göterim tölegleriniň möçberlerini tassyklaýar;

Bankyň wezipeli adamlaryny bellenilen tertibe laýyklykda wezipä belleýär we wezipeden boşadýar, işgärleri seçip almagyň, ýerli-ýerinde goýmagyň we taýýarlamagyň meselelerini çözýär.

### *Bankda hasaba alyş we hasabatlylyk*

32. Buhgalteriýa hasaba alşy we hasabatlylygy Türkmenistanyň ulanylýan kanunlaryna laýykiykda ýöredilýär.

33.Bank ýyllyk balansyny we tutuş Bank boýunça hasabat maglumatlaryny Türkmenistanyň Merkezi bankyna berýär, buhgalteriýa hasaba alşyny we hasabatlylygy Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenilen ýeke-täk nusgalar boýunça we möhletlerde ýöredýär.

Bankyň hasaplarynda we maliýe hasabatlarynda bölümleriň we wekilçilikleriň geçirýän amaliary we maliýe ýagdaýy beýan edilmelidir.

34. Bankyň amal geçiriş (maliýe) ýyly 1-nji ýanwarda başlanýar we 31 -nji dekabrda tamamlanýar.

### *Derňew gullugy*

35. Derňew gullugy bankyň we onuň bölümleriniň we wekilçilikleriň maliýe-hojalyk işini Bankyň müdiriýeti tarapyndan tassyklanylan düzgünnama laýyklykda barlaýar.

***Gözegçilik***

36.Bankyň işine gözegçiligi Türkmenistanyň Merkezi banky ulanylýan kanunlara laýyklykda amala aşyrýar.

37.Bankda gözegçiligi Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Gözegçilik gullugy departamenti we Bankyň gözegçilik bölümi amala aşyrýar.

38.Bankyň gözegçiük barlaglaryny geçirmek üçin garaşsyz gözegçilik gulluklaryny işe çekmäge hukugy bardyr.

***Üýtgedip guramak we ýapmak***

39. Banky üýtgedip guramak ýa-da ýapmak Türkmenistanyň ulanylýan kanunlaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

***Jedelleri çözmek***

40. Bank bilen edara görnüşindäki taraplaryň we şahsy adamlaryň arasyndaky hukuk hem-de emläk häsiýetli jedellere Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda garalýar.